Daglyk sebitlerde bitewidaş jynslaryň ýaýran kert eňňitliklerinde fiziki tozap dargama özgermeler güýçli işeňňirlikli geçýändir.Dag jynslary jaýryklanyp dargaýarlarjyns bölekleri eňňitlik boýunça aşaklygyna orun üýtgedip, ýapynyň ýalgaklaýan ýerinde toplanýarlar. Bu özgermä bolsa dökülme diýilýändir.

Eňňitligiň eteginde dökülme önümleri –harsaňlar, daşlar, çagyllar, has ownuk bölekler toplanyp iri ýapylary ýa-da arasy üzüler dökülme gerişleri emele getirýärler. Dökülmeleriň galyňlygy dürli-dürli we birnäçeden onlarça metrlere ýetýärler.

Dökülmeleriň düzümine eňňitligi düzýän dag jynslarynyň bölekleri girýändir. Dag jynslaryň görnüşini dökülmäniň bölekleriniň iriligini kesgitleýär. Mysal üçin, bütewi kristallik dagjynslary iri böleklenen (harsaň) dökülmeleri döredýändir. Beýleki pes berklikli bitewilikler orta böleklenen (ownuk çagyl) we güýçli dargamaklykda bolsa ownuk böleklenen dökülmeleri emele getirýärler. Slanesler we çökündi dag jynslary (hekdaşlary, mergeller, çägedaşlary we beýlekiler) dürli şekili (plitka (ýasy) şekilli, süýgeşik we ş.m.) we ölçegli dürli böleklenen toplanmalary döredýärler.

Dökülmeleriň häsiýetli aýratynlygy olaryň hereketliligidir. Hereketlilik alamatlary boýunça olar işeňňir hereketli möwritdäki hereketdäki, sönýän we hereketsiz dökülmeler bölünýärler.

Hereketdäki dökülmeler açaçan we ösümlik örtügi bilen örtülmedik ýagdaýdadyr. Gowşak pytrangy haldaky bölekleriň agramy artyp, durumsyz ýagdaýynda bolup, göwrüm agramynyň artmagynyň täsiriniň ýagny, güýçli çiglaşmasynyň dökülme ýapynyň aşaky böleginiň kesilmeginiň, ýer titremekliginiň we beýleki hojalyk işleriň hasabyna hereketli hala geçýändir.

**Amangül HYDYROWA**

**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk**

**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

22.11.2024